# MAGTYMGULYNYŇ DÖREDIJILIGI AÝDYM-SAZ ÄLEMINDE

**Ýegenmuradow Arzuw,**
*Ajiniýaz adyndaky NDPI-nyň talyby*

***Annotasiýa.*** *Bu makalada türkmen edebiýatynyň görnükli wekilleriniň biri bolan Magtymguly Pyragynyň döredijiliginiň, aýdym-saz älemindäki şygyrlary barada giňden gürrüň edilýär.*

***Açar sözler:*** *Türkmenleriň taryhy, terjime, mongol basybaljylygy, gahrymançylykly geçmiş,Wamberiniň pikiri, tirme aýdymlar.*

Türkmen halkynyň şanly taryhy bar we şol şanly taryhynyň döremegine sebäp bolan şahsyýetleri hem az däl. Magtymguly Pyragy şol şahslaryň içinde halkynyň dili ýa-da medeniýeti bilen çäklenmän halkyň azatlygyny arzuwlan, parahat we asuda durmuşda ýaşamagyny kalbynda beslän, beýik öňden görüji şahyrdyr.

Magtymguly Pyragynyň eserlerini dünýä ýüzi söýüp okaýar, öz dillerine terjime edýär köp ýerlerde hat-da, Magtymgulynyň goşgularyny öz medeniýetine ýakynlaşdyryp terjime edip şol millet şahyry diýilmegine çenli baran ýerleri hem bardyr.

Elbetde, irki döwürlerde hem türkmenler çeper söze, şirin saza uly sarpa goýupdyrlar. XIII–XVII asyrlar türkmenleriň mongol basybalyjylaryny, olaryň wagşyçylyklaryny, gyrgynçylyklaryny we soňraky dagynyklyk hupbatlaryny başdan geçiren döwri. Uçursyz agyr döwür. Şonda-da halkyň ruhy durmuşynyň damar tirpildisi durup galmandyr. Gahrymançylykly geçmiş wakalaryny, rowaýatlary, aýdymlary diňlemek däbi dowam edipdir. Märekäni daşyna üýşürip, wakalary täsirli hekaýat edýän aýdyjylar ýa-da kyssaçylar bolupdyr.

Meşhur syýahatçy Arminiý Wamberiniň: “Türkmenlerde iň gowy lezzet bagşynyň gelmegi we onuň Göroglyan ýa-da Magtymgulydan aýdym aýtmagydyr” diýen sözleri halkymyzyň söze hem saza näderejede uly sarpa goýýandygyny görkezýär. Hakykatdan hem, milli aýdym-saz sungatymyzda öçmejek yz galdyran bagşy-sazandalaryň akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň goşgularyna döredilen aýdymlary aýtmadygy ýa-da onuň goşgularyna saz döretmedigi ýok diýen ýalydyr. Dana Pyragynyň pähim-paýhasa ýugrulan goşgularynyň dilden-dile geçmeginde bagşysazandalaryň bitiren hyzmatlary örän uludyr. [1.5 sah]

Magtymguly Pyragynyň türkmen jemgyýetiniň edebi-ruhy durmuşynda eden düýpli öwrülişigi bagşyçylyk sungatynda has äşgär ýüze çykypdyr. Beýik Pyragynyň we onuň yzyny eýeren şahyrlaryň goşgulary bagşyçylyk sungatynyň rowaçlanyp, görlüp-eşidilmedik derejä – nusgawy derejä çykmagyna esas döredipdir. Türkmen ili şirinden-şirin owazly, dür manyly aýdymlara, mukamlara dolupdyr. [2.24 sah]

Magtymguly Pyragynyň türkmen jemgyýetiniň edebi-ruhy durmuşynda eden düýpli öwrülişigi bagşyçylyk sungatynda has äşgär ýüze çykypdyr. Beýik Pyragynyň we onuň yzyny eýeren şahyrlaryň goşgulary bagşyçylyk sungatynyň rowaçlanyp, görlüp-eşidilmedik derejä – nusgawy derejä çykmagyna esas döredipdir. Türkmen ili şirinden-şirin owazly, dür manyly aýdymlara, mukamlara dolupdyr. [3.6 sah]

Magtymguly Pyragy şygyrlaryny halka düşnükli dilde ýazyp, beýleki şahyrlara hem görelde görkezipdir. Sada, saza gelip duran, üstesine-de akyl-paýhasa ýugrulan goşgular il içine örän çalt ýaýrapdyr. Teşne kalplara tenekar ýaly siňip barýan şygyrlara kyssaçylar, bagşylar ganat beripdi. Magtymgulynyň şeýle şygyrlaryndan iň köp dillere düşüp aýdyma öwrülenlerinden: “Adamzat”, “Paş eder seni”, “Myhmandyr” “Bolar sen”, “Aýrylsa”, “Janyna degmez”, “Aýryldym”, “Armanym galdy” ýalylaryny mysal edip aýtmaga bolar.

XVIII asyr, beýik Pyragynyň şygyrlary türkmenleriň ruhy durmuşyna düýpli öwrülişik girizipdir. Bagşylaryň repertuarynda dessanlar bilen bir hatarda tirme aýdymlary ymykly orun alypdyr. Dogrusy, öňem bagşylaryň hemmesi dessançy bolman, tirmeçilerem bolup, olar Nowaýydan, Meşrepden aýdypdyrlar. Indi bolsa Magtymgulynyň sözlerine aýdylýan tirme aýdymlary hatda dessançy bagşylaryň repertuaryna-da ornaşypdyr. Akyldaryň şygyrlaryna ilatyň teşneligini tirmeçilerem, dessançylaram duýupdyrlar. Duýmaz ýalam bolmandyr: eger-de bagşy Pyragydan aýtmasa, ol bagşy hasap edilmändir. Şu ýagdaýda bagşylar onuň şygyrlaryny, öwüt-ündewlerini hut dessan aýdan ýaly aýdyp başlapdyrlar. [2.26 sah]

Aýratyn hem, beýik Pyragynyň goşgularyna aýdymlar bagşyçylygyň ähli ýollarynda ürç edilip aýdylypdyr. Taryhçy Aman Ylýasow soňky asyrlarda ýaşan bagşylaryň repertuaryny öwrenipdir. Alym 800-den gowrak tirme aýdymlaryna kartateka düzüp, her aýdymyň mazmunyna, «ýaşyna» degişli maglumatlar beripdir. Ol şonda bagşylaryň repertuarynyň tas ýarsynyň diýen ýaly Pyragynyň oý-pikirleri bilen baglydygyny anyklap: «Magtymguly – giden umman. Şol umman öz içine saz sungatyny dartyp alypdyr» diýip, örän jaýdar belläpdir. Bagşyçylyk ýollary barada aýdylanda, olar türkmen taýpalarynyň ýer-ýurt aýratynlyklaryna görä ýüze çykypdyr. Çowdur ýoly, ýomut-gökleň ýoly, saryk-salyr ýoly, ärsary ýoly, damana ýoly, Ahal (teke) ýoly, Mary (teke) ýoly bolup, olardan birinjisi iň gadymysy, soňkusy bolsa iň nowçasy hasaplanylýar. Wakalaryň logikasyna eýerseň, Mary (teke) ýoly XVIII asyryň ahyrlaryndan başlap teke türkmenleriň Ahaldan Murgap oazisine köpçülikleýin göçüşi güýçlenende emele gelen ýaly. Emma şol göçhä-göçlükden ozalam bu ýoluň hut özüne mahsus belli bir «gorunyň» bolan bolmagy mümkindir. Soňra bolsa has ýiti öwüşginlik alyp baýlaşyp, ýüzi täzelenip, hakyky ýola öwrülipdir. Damana ýoly, ýomut-gökleň ýoly, saryk-salyr ýoly we beýleki

ýollar hem XVIII–XIX asyrlarda täze öwüşginler bilen baýlaşyp, has kämilleşipdir. [4/10 sah]

Magtymguly Pyragynyň türkmen halkynyň kalbynda ebedi orun almagynda onuň goşgularyny tutuşlaýyn ýat tutup, märeke sowmagy başaran adamlaryň, şeýle-de “magtymguluçy bagşylaryň” orny uly bolupdyr. A.Wamberi Magtymgulynyň şygyrlaryny aýdyma öwrüp, goşa taryň gapdaly bilen halka ýetirýän bagşylary diňlemegiň türkmen üçin hakyky baýramçylykdygy barada ýazypdyr. Munuň özi, bir tarapdan, halkyň Magtymguly Pyragynyň şygyrlaryna, şeýle-de aýdym-saz sungatyna çuňňur söýgi-yhlasyny beýan etse, başga bir tarapdan, bagşylaryň akyldar şahyryň goşguly dünýäsini halka ýetirmekdäki ägirt uly ornuna berilýän beýik bahadyr. Çünki owaza garylyp halka ýetirilmegi Magtymgulynyň şygyrlaryna goşmaça ganat beripdir.

Türkmen edebiýaty, türkmen sungaty, türkmen milliliginiň ösmegine, sünnäleşip şu güne çenli gelmeginde, onuň halkyň aňynda we kalbynyň iň töründäki orny hiç bir ýazyjyda, Magtymgulynyň orny ýaly uly däldir. Magtymgulynyň goşgulary we bize galdyran mirasy diňe bir türkmen milleti üçin dälde ol beýleki goňşy halklaryň edebiaýtynyň we diliň ösmeginde ilkinji basgançak wezipesini berenligi hem bizde ullakan buýsanç duýgysynyň oýarmagyna sebäpçi detallardan biridir. Muňa aýdyň mysal hööküminde alyp garanda, garagalpak millletiniň edebi diliniň esasçylary hasaplanýan Günhojanyň, Ajiniýazyň, Berdagyň aýdyp we ýazyp galdyran edebi miraslarynda, olardan Berdagyň ýazan goşgularynyň köp bölegini Magtymgulynyň ýazan şygyrlaryndan ylhamlanyp döredenligini belläp geçmegi. Diňe bir ýazyjy ýa-da şahyr däl, aýdymçy bagşy hööküminde tanalan Berdak Gargabaý oglunyň garagalpak toý-märekelerinde, baýramdyr-çärelerinde Magtymgulynyň goşgularyny ýerine ýetirip halkynyň söýgüsini gazanan ekenligi hem, garagalpak milleti wekillerine tanyş bagdab hasaplanylýandyr.

Umuman aýdanymyzda Magtymguly Pyragynyň bize miras edip galdyran eserlerine diňe bir türkmen edebiýatynda ýa-da sungatynda däl eýsem oňa garagalpak, özbek we başga türki halklaryň söýüp okap sarpa goýmagy, edil öz halkynyň milli nusgawy ýazyjylraynyň hatarynda goýup söýüp okamaklary Magtygulynyň eserlerini öz dili we medeniýetine öwürmegi bizde çäksiz buýsanç duýgusyny oýarýar.

Saňa şahyr diýsem şygyr öýkelär,
Şirin saz öýkelär, öýkelär aýdym.
Sen şygyrdan sazdan, hemem aýdymdan,
Has belende galan milli aýgydym!
Hojaberdi Baýramow “Pyragy” [5.195 sah]

**Edebiýatlar:**

1. “Edebiýat we Sungat” žurnaly: № 14 (4494).
2. Köňül gözgüsi Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Milli golýazmalar instituty, 2014
3. “Edebiýat we Sungat” žurnaly: № 7 (4487)
4. A. Ylýasow. Magtymguly saz sungatynda. “Edebiýat we sungat” 1995 ý.
5. “Sözüm saňa, Pyragy!” (Türkmen we beýleki ýurtlaryň şahyrlarynyň Magtymguly Pyraga bagyşlanan goşgular ýygyndysy). –Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2014.